TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

## HATLARYŇ WE GOŞGULARYŇ IÇINDÄKI

# PÄKIZE PIKIRLER

AŞGABAT, TMGI — 2003

## Beýik Taňrynyň ady bilen

Allanyň bize beren geň nygmatlaryna şükür. Onuň wepaly pygamberine we sapaly resuly Muhammede hem-de onuň halk ýagşylary bolan maşgalasyna, hak ýaranlary bolan dostlaryna rehmet bolsun.

Bu ýygyndyny taýýarlan Abdyljelil ogly Muhammet Omary Reşitdir (Alla tagalla oňa diňe ýarawly iş etmek üçin towpyk bersin).

Bu döwürde ajaýyp goşgulary we täze kyssalary okamaga meýli bar bolan, dilewarlyk kysymlaryndan we ýeňňilik ahwalatlaryndan paý alan alym we hormatly adamlaryň her biri meniň kyssalarymy we goşgularymy talap edýärler. Olaryň hemmesini ýekän-ýekän talap edijilere ýetirmek mümkin däl. Çünki älem eýesi we ynsan nesliniň patyşasy azamatly Horezmşa, din we dünýä mertebeli, gündogar we günbatar patyşasy Abu Muzaffar Atsyz Horezmşa ogly, Emirilmömininiň (Alla onuň ruhuny päk etsin) goldawynyň işigine we köşgüne sena aýtmanymda-da, meniň pikir önümlerim hetden aşa köpdür we olaryň sany deme-dem artyp dur. Emma hormatly adamlary duýup, mahrum etmek we olaryň haýyşlaryny kabullyk we bitirmek gulagy bilen eşitmezlik, jomartlyk ýolunda we merdanalyk kanunynda rowa bolmansoň, şu gysga ýygyndy ýygnalyp düzüldi.

Bu ýygyndy dört bölümden durýar.

1. On sany hat (arap dilinde).

2. On sany kasyda (arap dilinde) we birnäçe bölekler (kytga)

3. On sany hat (pars dilinde).

4. On sany kasyda pars dilinde, birnäçe bölekler (kytga), gazal we rubagy bilen.

Bir hormatly adam gelip, şular ýaly zatlardan talap etse, oňa şu ýygyndy berilsin. Ol öz tebigatyna görä iki diliň goşgy we kyssalaryna göz aýlap biler hem-de maksatlaryň aňyrsy we islegleriň soňy bolan älem eýesiniň (ruhy päk bolsun) azamatly dergäh nygmatlaryna şükür edip, ýagşy gylyklaryny ýaýratdygymyz bolar. Bu ýygynda "Hatlaryň we goşgularyň içindäki päkize pikirler" diýip at berip, ýörite kitaplar hazynasyna hödür etdim (Alla ony abat etsin), elbetde kabul bolup ýerine düşüp ähmiýet berer diýen umydym bar. Dogry ýola salyp, durgunlyk berip myrada ýetirjek bir Allanyň keremidir.

**Beýik Allanyň ady bilen.**

**Birinji bölek-on sany hat:**

1. Älem eýesi, gündogar we günbatar patyşasy Horezmşanyň (ruhy päk bolsun) mejlisinden musulmanlaryň emiri Muktafy Li-Emrillanyň buýrugyny yzarlan (Alla onuň azamatyny mydamlyk edip, gündogardan günbatara saýasyny ýaýsyn) Mukaddes ornuna ýazýar.

Alla tagalla biziň eýämiz we serwerimiz, Möminleriň emiri, takwa adamlaryň, umumy musulmanlaryň baştutany, älemler perwerdigäriniň

resulynyň halypasy bolan Muktafy Li-Emrilla rehmet edip, saglyk we bereket bersin.

Bu gul onuň bilen bilelikde ýagtylyk döredip, jisim we janlary ýaradan Alla şükür edýär, saýlanan pygamberi, seçilen resuly Muhammede we jennet açarlary bolan öý maşgalasyna, garaňkylyk çyralary bolan ýaranlaryna (sahabalaryna) rehmet etsin diýip ondan dileýärin. Dogadan soň: Eýämiz we serwerimiz möminler emirine we musulmanlar baştutanyna boýun egmek (Alla onuň hökümdarlyk paýalaryna galdyryp berkitsin we onuň azamat çyralary elmydama ýalpyldap, ykbal agaçlary ýapraklap dursun), serwerlik we jomartlygyň oturdylan ýeri, beýikligiň buýsanjy, öwgüler mysaly, beýik yzzatyň düýbi we uly abraýyň karargähi, şalar we begleriň baş egip alnyny goýan ýeri bolan bu mukaddes işige gulluk etmek ýagşy gulluk we bitewi bagtdyr. Şol işige ýükün düşürip , ony goldaýjylara ýüpüni baglan, tiz wagtda , islegi bolan rahatlyk nygmatlarynyň aňyrbaşyna ýeter we geljekde hem maksat edinen derejeleriniň iň beýigine ýeter.

Bu gul haky-batyldan, ýagşyny-ýamandan saýlaly bäri, onuň maksady we arzuwy, pygamberlik päk ornunyň (Alla ony päk saklasyn) hyzmatynda bolanlaryň hataryna girip, şol beýik karargähiň (Alla ony beýgeltsin) ýanynda duranlaryň boýun bagyna düzülip, düşegini ogşap, saçak başynda durup, onuň töwerek daşyny gorap saklan ýaranlaryň ýardamynda bolmak we oňa eýermekden galyp, boýun egmekden

baş gaçyran duşmanlary ýeňmekde bar güýjüni sarp etmekdi. Emma inçesi-ýogyny, umumysy we jikme-jigi pygamberlik aýdyň pikirlere (Alla ýalkymyny artdyrsyn) gizlin bolmadyk päsgelçilikler, bu guly öz myradyndan alyp galyp, onuň bilen isleginiň arasynda durýarlar. Şol päsgelçilikleriň iň ulusy we äşgär görnüp durany bu guluň türkmen diýaryna ýakyn küpür (şirk) ülkesine ýanaşyk we ýakyn bolmagydyr. Bu gul köp wagt din-duşmanlary we şeýtan toparlary bilen söweş etmäge meşgul bolup, olaryň döreden kynçylyklaryny çözüp we ýaraglaryny küteldip, yslam ülkesinden olaryň goşunlaryny gaýtarýar we yslamyň garşysynda at salyp gezmekleriniň öňüni alýar. Eger-de bu bende ol ýerden az müddetlik gidäýse hem, bu ýerleriň ili şol kapyr we pyssy-pyjur kişileriň zyýan-zelelinden aman galmazdy. Zaman aladalary bolmasady: Emma bu gul ülke we ýurt daş bolsa-da, halypalyk tagtyna ýagşy doga etmäge ýüzlenýär. Howpdan saklaýjy päkize dostlugyna ýapyşýar, onuň ýurdunda mähir ýalkymyny ýaýanlygy üçin Allatagala şükür edýär. Mähir ýagyşlaryny öz gullarynyň üstüne dökmegi üçin gudraty uly Hudaýa hamdy-sena aýdýarlar. Onuň pygamberlik päk ornuny we baştutanlyk beýik karargähini zaman şerlerinden we duýdansyz gelen pitnelerden aman sakla !” – diýip, beýik sözli Taňrydan dileýär. Eý bar Hudaýa ! onuň dogasyny kabul edip, umydyny puç etme. Bu guluň bu hyzmaty bitirmekden maksady, onuň baş tutanlyk aýdyň pikirleriniň (Alla ýalkymyny zyýat etsin) bu guluň arassa niýetinden we

päk ýüreginden habarly bolmagy hem-de kabul sütünleriniň we bagt baýdaklarynyň ýokary galmagy üçindir. Siziň päk mertebäňizden gelip ýetişen halatlar we sylaglar bu gula jan berip, ony güýçlendirdi, öçen daň ýyldyzyny dogdurdy. Ýaşaýyş baglaryny solandan soň gülletdi. Bu gul olary ýakyn we daşdakylara görkezdi. Her mejlis we ýygnakda olary äşgär etdi. Horezm ymamlarynyň, alymlarynyň we edebiýatçylaryň bary ol päk mertebä doga edip, onuň ýalkymly işlerine we göwrümli sowgatlaryna şaýatlaryň ýanynda sag bolsun aýtdylar. Onuň döwletiniň baýdaklary elmydama parlap dursun we sahawat ýagyşlary hemişe guýup dursun.

## IKINJI HAT

Jahan eýesi, gündogar we günbatar şasy Horezmşanyň (Allatagala onuň ýaranlaryna kuwwat berip, güýjüni iki esse artdyrsyn) mejlisinden Emirilmömininiň wezirine (Allatagala onuň sözüni göterip azamatyny artdyrsyn) şeýle hat ýazýar.

Puşty penahym ! Alla tagalla adalatly we goldalan wezir Bahaýetdiniň arassa suwly we köp serpaýly döwletini dargatmasyn, döwran içinde akýan çeşmelerini guratmasyn, bag-bakjalaryny süllertmesin. Bu hat Horezmden ýollanýar!

Hudaýa şükür, pygamberlik päk ornunyň hyzmatynda durmagyň we Mustapalyk baştutanlygyň azamatly karargähine daýanmagyň bereketi bilen ýagdaý hünjüleri düzümde we bagt ýyldyzlary ýalkymdadyr. Şonuň üçin Hudaýa şeýle bir hamdy-sena aýdýaryn. Ol hamdy-sena bereket artdyryp, täze nygmatlar talap edýär.

Bu adalatly weziriň (Alla onuň şatlygyna dowamat berip, janyny belalardan saklasyn) halyflyk we ymamlyk (ýolbaşçy) meýdanynda önüp-ösüp, yzzat-kerem göwheri bilen (hünji) bezenip, belentlikde asmandan ýokary oruna düşüp, jöwza ýyldyzy onuň derejesinden pes görnüp abraýly, hormatly, başy dik we birinji gatlakdan bolan kowmuň neslindendigi ülkelere ýaýrap, jahana meşhur bolup dolupdyr. Ol (Alla ony gorasyn) şu abraý, yzzat we asly päklik bilen bilelikde, şu döwrüň görnükli adamy we yslam

nazarynyň gönügen merkezidir. Işler şoňa dolanyp barýar. Halkyň maksatlary onuň ýerine düşýän dalaşlary bilen hasyl bolýar. Onuň uly ady we sahawaty dillerde nakyl bolup gezýär we onuň belent mertebesinden dileg edip, arzuwlara ýetilýär.

Söz şeýledir: Pylany (Alla onuň yzzatyny mydamalyk etsin.) ýagşy syratlylyk bilen sypatlanan, pazylatlar bilen tanalan, dogry we ýagşy gylyklar bilen bezenendir. Ol şu häsiýetler bilen bilelikde meniň toparyma girip, meniň hünjümde düzülendir. Indi ol Allanyň hormatly haremyna zyýarat edip, onuň öýüne haç etmegi niýet edip, ýüregine düwüpdir.

Adalatly wezirlik bakymy bilen şu mübärek sapardan hajaty bitip, maksada ýetip, ýeňiş ganatyna duwlanyp, ötgür oky eline alyp, öwürlip geler ýaly, şol döwleti hormat gözi bilen gözläp, näz-nygmata büremegi, ol adalatly weziriň (hormatdan düşmesin) beýik kereminden we kämil haýyr sahawatyndan towakga edýärin. Men şu minnetdarlygy monjuk edip, boýnuma dakyp, şükür edýärin we şu hormaty jar edip ýatlaýaryn. Bu babatda ol adalatly weziriň hormatly raýy artyk beýiklige we abraýa eýedir. Sag we aman bol.

## ÜÇÜNJI HAT

Üçünji haty hem Horezmşasynyň azamatly mejlisinden Bagdada, adalat wezirligi kazylar kazysy Zeýnä ýazýar.

Penagähim ! Hormatly beýik kazy Fahretdiniň, aýdyň ýalkymly döwletde we ýagşylyk ýagymly nygmatda baky galmagyny Allatagala dowamly etsin. Abadan Horezmden gönderilýär :

Eýämiz we serwerimiz möminleriň emiri-de musulmanlaryň ymamynyň baştutany (Alla onuň sözüni ýörgünli etsin döwletini ebedilige baglasyn) döwlet bereketi sebäpli ýagdaýlar düzgünli we maksatlar hasyllydyr. Şonuň üçin Alla hamdy-sena aýdyp, şükür edýärin. Alla öz pygamberi Muhammede we onuň päk maşgalasyna rehmet etsin.

Ol hormatly we beýik kazynyň (Alla jemalyny artdyrsyn) hümmet edip, bil baglan zady, ululyk gurup, haýyr-ýagşylyk kadalaryny düzüp, sütünlerini berkitmek we gapysyna umyt edip geleniň işini bitirmek, haýyr güman edip, oňa tarap ýüzlenen adamyň gümanyny hakykata aşyrmakdygyny ýakyndaş we aýak-başynyň bary bilýändir. Şu müddetde zamana ýigrenji endigine görä oňa yza berip, hadysalaryň heläk ediji oklaryny oňa tarap atypdyr diýip eşidemde, maňa rahatlyk gapylary we lezzet ýollary ýapyldy. Hawa ! Erkinler hadysalaryň ýyrtyjy dişlerinden asudalykda bolup, ýagşylar belalaryň çeňňelinden aman galan zamany barmy heý-de !

Ondan soň şol gam açyldy we garaňkylyk aýryldy. Altynyň otdan çykyşy ýaly şol gorkunçly heläkçilikden çykdy. Bu kynçylyklar onuň görküni gidermän, gaýta onuň arassalygyny we sapasyny artdyrypdyr diýip, yzly-yzyna habarlar gelip ýetişdi. Men muny eşidip örän begendim, kalbym şat we şadyýanlykdan doldy. Mundan beýläk Allatagala onuň hormatly meýdanyny zaman musybatlaryn-dan (ýagylaryndan) aman saklasyn we ol meýdany tötänden gelýän hadysalardan gorasyn diýip dileg etdim.

Şu setirlere ýapyşyp ýüzlenýän pylanydyr. Ol ýagşy syratly, päk niýetli oňat mezhepli, şirin dilli bir adamdyr. Takwalyk ony päk ýerde oturdyp, arassa etekli geýmini geýdiripdir. Onuň ata-babalarynyň hem meniň hyzmatymda görnükli haklary we ýagşy beýanlary bar. Indi ol düýelerini nogtalap, ýüklerini ýükläp, yslam haç parzyny bitirmek üçin asudalyk ýurduna (Medinetes-Salam Bagdada) barýar. Ondan hem hormatly ýurda (Mekgä) sapar etjekdir. Eger hormatly we beýik kazy enaýat we terbiýet ganatyny onuň üstüne ýaýsa, goldaw-gözegçilik mähri bilen medet berse, din-dünýäde arzuwyna ýetdigi we öňde-soňda maksadynyň hasyl boldugydyr. Hormatly kazy hem şunuň bilen meniň tükeniksiz haýyr-dogamy we yzygiderli senamy gazandygydyr. Saglyk bolsun.

# DÖRDÜNJI HAT

Dördünji haty öz adyndan dürli bilimler we syrlar bilen jilwe tapan bir beýik jenap hakynda, eýämiziň beýik mejlisiniň wezirleriniň birine ýazýar (Allatagala ol wezire uzak ömür bersin we beýiklik basgançagyna çykyş derejesini artdyrsyn).

Her ýurtda we her şäherde bulutlar ýelkenini ýaýan ýerinde we göçýän ýyldyzlar şöhlesini salan ülkesinde Hak adamlaryndan we halk ýagşylaryndan dostluk käbesine towap edýän bir taýpa bardyr. Olaryň senalarynyň ýokumly ysy bilen mejlisler müşk kokýar we ýagşy dogalarynyň owazy bilen üýşmeleňler lerzana düşýär. Alla kasam ! Gijede doga okan adamyň dilegleri, goşun adamlarynyň güýçlerinden afzaldyr. Tüm-garaňkylykda asman perdelerini böwüsýän oklar, uruş içinde duşmanlaryň gursagyna çenelip atylýan oklardan bähbitliräkdir. Takwalaryň eradalary we safylaryň (päkize ynsanlaryň) hyýallary jandamarlara degmekde we bogunlary düzmekde uçly naýzalardan we kesgir gylyçlardan ötgürräkdir.

Ol beýik mejlise miýesser bolan buýruk ýörgünlik, beýik mertebelilik, atlylyk, giň gudratlylyk, ýokary orunlylyk, köki güýçlülik, hümmeti-belentlik, rysgaly köplülik, nygmaty artyklyk. Bularyň barysy şol galdyrylan elleriň netijelerinden we eşidilen dogalaryň miwelerindendir. Şol beýiklik mejlise (beýikligi

artsyn) haýyr-hasanaty[1] ýaýratmak we ýagşylyklary köpeltmek, halk arasynda rehimdarlygy ýöretmek, ülkelerde adalaty ýaýmak, ýaýratmak bilen şol dogalaryň bereketiniň dowamyny talap etmek zerurdyr. Çünki şolaryň görkezmelerine eýerip, nygmat sebäplerinden ýapyşan adam bu dünýäde ýagşy ada we ol dünýäde (ahyretde) köp sogaba eýe bolan adamlaryň hataryndadyr.

Bu hyzmata ýapyşyp, yhlas edip ýüzlenýän adam dogasyny teperrik edip, ýüzüni mübärek bilip, hamdy senasyny aýtmaga galkynylýan adamlardandyr. Ol pygamberlik bagyndan halanyp sogrulan bir pudakdyr we resullyk agajyndan seçilip ýygylan bir miwedir.

Şu äşgär görnüp duran abraý päk we arassa asyl-nesep bilen bilelikde onuň pazylatyna we ylmyna öwen we syndyran dost-duşman ýakyndyr. Eger goşgy ugurlary ýatlansa, ol ökdesi, eger düzgi şygyr şahalary wasp edilse, ol baş aňlaýan ýeri, eger hikmet pudaklary sanalsa ol ýokarky derejesine çykandyr. Indi ol öz içinde toplanan hajatlar we gursagyna düzülen arzuwlar bilen şol süýji suwly derä indi we şol giň meýdanly jemendä ýüzlendi. Öz keremli enaýatyndan we uly hemaýatyndan bir bölegi onuň köňlüni awlap, halyny düzläp, hajatlaryny bitirip, arzuwlaryny hasyl etmäge sarp edip, şonuň bilen şu pygamberlik päk nesilden kökleri ýaly päk senaly we sözleri ýaly ýakymly şüküri kesp etmek isledi. Ol aly (ýokary)

[1] Hasanat – ýagşylyk, ýagşy işler, ýagşy zatlar.

mejlisiň kerem derýasyndan towakga edýärin. Bu nesil şeýle oňat nesil, onuň sözleri göwher, senalary päk we dogalary kabuldyr.

## BÄŞINJI HAT

Bäşinji haty öz adyndan işi üýtgemän pes ýagdaýa düşen bir abraýly adamyň ogly hakynda döwlet sütünleriniň we köşk şahsyýetleriniň birine ýazýar.

Serwerimiziň jenaby (Allatagala onuň belent derejesini elmydama gorasyn) güýç-kuwwat atlylaryň meýdany, suwa gelenleriň inelgesi, keremli toparlaryň togap edýän käbesi, halk ýaşulularynyň ýüzlenýän kyblasydyr. Onuň saraý meýdanyna tarap atlanyp, şol rahat ýerde ýüküni düşüren adam hadysalar zyýanyndan halas bolup, gutulyş tapdy we umyt edip, göz tutan zatlarynyň baryna ýetdi.

Şu hyzmat bilen ýüzleniji sahawat tebigatly, giň meýdanly, mal-garaly, ojagy asylly, mätäçlere berimli, jepakärlere geçirimli, wepadara bakymly bolan kowma degişli bir ýigitdir. Bu ýigit şo kowmuň içindäki şan-şöwketli maşgalada önüp-ösüp, hormatly adamlardan terbiýe alan, ýagşy donlar we gymmat bahaly eşikler geýip, hoş ýörişli owadan atlary münen, emma zamana oňa sütem edip, baýlygyny alyp, gabyny takyr goýan, onuň hal ýagdaý sütünleri weýran bolup, mal hünjüleri üzülip, pytyran. Indi bolsa ol köp emir we senaly dil bilen serwerimiziň mejlisine (mydam beýik bolsun) ýüzlendi. Eger serwerimiz merhemet edip, oňa kerem-nygmat donuny geýdirip, hor-hamsy bolup galmaz ýaly bir mukdar karar etse, elbetde,

solmaz şüküre we üzülmez sena iým bolar. Enşalla, şu hakda serwerimiziň aýdyň raýy bagtyýardyr.

# ALTYNJY HAT

Altynjy haty göripligi ýazgaryp ýazýar.

(Allatagala ýaşyňy uzyn, saçagyňy bereketli etsin we güýç-kuwwatyňy gorap, towpyk bersin) Pylany meniň çakmagymy kakyp, içmegimi ýyrtýar we seniň ýanyňda maňa gybat okuny atyp, sögünç gylyjyny salýar. Etegmiň günäsinden hapysa we aýagymyň kirinden hapa bolan erbet işleri maňa ýöňkeýär diýip eşitdim. Meniň bilen onuň arasynda şeýle kine saklap, duşmanlyk eder ýaly göze görünip duran sebäp ýok. Meger-de onuň agajynyň oturdylan we tebigatynyň dikilen ýerleri bolan göriplik, ony şol işe mejbur edýändir. (Görip maksada ýetmez), göriplik etmek, bir zady öňe çykarar ýa-da yza goýar we şeýle haýyrsyzlyk etmegi, bir işi üýtgedip biler diýip güman edýändir. Az-köp nygmat bilen uly-kiçi mähnetiň ikisi-de ozalda kysmat edilip, asmandan inen kitapda (Gurhan) mälim edilendigini ol bilmeýärmikä !! Nygmat eýesiniň nygmatyny hilegäriň we göribiň göripligi aýryp bilmez, dertli kişiniň derdini-de gol güýji we el zory gaýtaryp bilmez. Allatagala aýdypdyr: “Alla bir halka rehmet gapysyny açsa, hiç kim ony ýapyp bilmez. Eger Alla bir gapyny ýapsa, hiç kim ony açyp bilmez. Ol güýçli we hikmetlidir”. Kasam edýärin: kineçilligiň (duşmanlyk) otlag-suwlagy erbet we ýigrenjidir. Göriplik şumluk we oňa endik etmek aýypdyr. Jisimleri horlap, ruhlary pany

edýändir. Gam getirip, näşatlyk dürtýändir. Ýaşaýyş we rahatlyk gülleriniň suwuny bulandyryp, akmaklyk we ýeňlislik otlaryny tutaşdyrýandyr. Görip daşyndan sag, içinden ýaraly we daşyndandan ýalňyşagan, içinden jepakeşdir. Ol Allatagalanyň eradasy bilen urşup, Taňrynyň işine garşy çykýandyr. Gam bilen ýaşap, gargyş bilen öler. Dünýäde gam-gussa batyp, ahyretde Allanyň golaýyndan kawular. Göripligiň göribiň bedenine edýän işini, ot şuglasy gury agaja edip bilmez. Oňa müneniň ganyny içip, etini iýip, süňküni çeýnär. Gam-gussalaryň öňünde goýup, kalplarda oňa bolan ýigrenji oýarar. Ynsanyň göriplikden ýolbarsdan gaçyşyndan-da gatyrak gaçmagy gerekdir. Çünki ýolbars onuň daşyny ýyrtsa, göriplik içini ýyrtýandyr. Ýolbars onuň daşyny ýaralasa, göriplik onuň içini ýaralaýandyr. Eger ok ýeter gaçsa ýolbarsyň zarbyndan aman galar, ýöne müň parsah[1] gaçsa-da, göriplik onuň içinde ýatandyr. Eger magrypdan maşryga sökülse-de, göriplik aýrylyp galjak duşman däldir. Ýunan pelsepeçileriniň biri aýdypdyr: “Men olaryň şerigata we dine laýyk bolmadyk sözleriniň baryndan bizar. Ýöne men halkyň arasynda dindar-dinsiz hemmesi göriplik we kineçillik etmeli däl, ol ikisinden gaça durmaly diýilýändigi bilinsin diýip, olaryň ygtykatlaryny hekaýat edýärin. “Gabra girip, dowzaha inenlerinden erbet adamlara gorky berilýär, pygamberleriň dilinden

---

[1] Parsah – 6 km. töweregi

aýdylan (diýlen) söz hasyl bolýar. Elbetde bu ýoly erbet bolan göriplikden we soňy ýokumsyz bolan kineçillikden hekaýadyr. Çünki şol ikisinden biriniň suraty ynsanyň nebsinde ornasa, jisim diriligi aýrylandan soň, jana azar berip başlar” Onuň yzasy ýylanlaryň sokumy we içýanlaryň çakyşy ýaly bolmaz. Ýylanyň zäherini dowa bilen dep edip bolar, içýanyň yzasy hem derman bilen gutular. Göriplik we kineçilligiň yzasy bolsa, daglar-daşlar ýykylyp, tekiz bolar, ýöne ol aýrylman baky galar.”

Haýrat, (sadaka) şemaly kokudýan azat janymy we hasanat (ýagşylyk) daňy görkezýän gowşak ruhumy ýaradyp, iki ýanymyň arasynda goýan Hudaýa kasam ! Eger şu giň dünýäniň ýüzi gyzyl-kümüşden, göwher zeberjetden doldurylyp, maňa berilse ýa-da görkezilse, elbetde meniň kanagat gözüme (ýonulan) dyrnakdan kiçi, zir-zibilden hapa, hyýaldan aldawçy, tomus buludyndan durnuksyz, deňiziň kenara taşlan maslygyndan we ýolagçynyň ýolda goýup giden azygyndan gadyrsyz bolup görünerdi. Onuň ýüpek dony meniň ýanymda çäkmen, belki-de ondan hem gymmatsyzdyr. Onuň turaç guşy maňa daşdeşen, belki-de ondan hem gylyksyzrakdyr. Onuň ýüpek donlary we zynat bezegleri meni özüne güýmäp, aldap bilmez Şygyr :

“Elli ýyl ömür sürenimden soň.

Dünýäniň lezzet we höweslerine guwanarynmy ?”

Onuň nygmaty we betbagtlygy, ýüzi açyklygy we ýüzi tutuklygy, wepalylygy we wepasyzlygy,

bulanyklygy we durulygy, hoş wadasy we betwadasy, ýakyn etmegi we daş etmeginiň ählisi maňa deňdir. Ägä bol: men  dünýäni eden işi üçin ýamanlaýarynda, hergiz uýmaýaryn. Ol ha zulum etsin ha-da adyl, ha şat etsin  ha-da gam, ha ýamanlyk etsin ha-da ýagşylyk, men ony durşuna talak edip (aýryp) boşatdym we ýaşaýjylaryň hemmesi bilen hoşlaşyp wedag (sagbollaşmak) kyldym, öz öýümde gaty çörege kanagat edip  oturdym. Ne dünýäniň malyna meýlim bar we ne-de onuň lezzetine höwesim. Şu ýagdaýda ýamanlyk bilen dury  kanagatymy bulandyrmak üçin maňa göriplik edýän adam, öz nadanlygyndan ýaňa hassa we erbetliginden ýaňa özi ýarawsyzdyr. Görip odunda ýanyp, jan we tenini eredýändir. Men bolsa onuň ýüze çykarýan we içde saklaýan zadyndan arkaýyn bolup, aýdýan sözlerine üns bermän, asuda otyryn. Alla bizi azaşanlaryň ýolundan saklap, nadanlaryň duşmançylygyndan daş etsin.

## ÝeDINJI HAT

**Ýe**dinji haty ulumsy nadanlaryň birine ýazýar.

Bilgil ! Allatagala saňa ýagşy iş etmäge towpyk berip, ýaman işden saklasyn. Elbetde men sylag almak üçinöwüp, şerap içip, ýüpek don geýmek üçin peýdalanyp, saçak başynda oturmak üçin seniň dergahyňa inip, mejlisiňe düşmedim. Belki men pazylat nyşanly we onuň baýdagyny oturdan bolup, sende pazylat dostlugyny göremde we men edebiýat depderini eýeläp, onuň ýollarynda bolup, sende edebiýat yşkyny duýamda, seniň bilen dostluk we doganlyk etmäge maýyl boldum. Meniň bilen oturyşmaga buýsanyp, ýürekdeşlik tapyşyp, şat bolarsyň. Meniň bilen gürleşmekden peýda alyp, göwher çöplärsiň diýip, güman etdim. Indi görýärin, ýanyňa gelip gidemde menden ýüz öwürýärsiň we ýüzüňde ýigrenç alamatlaryny aňýaryn. Göýä men seniň malyňdan tama edip, goldaw talap eden ýaly, ýa-da gapyňa gelip arzy-hal eden ýaly, ýa-da malyňdan bir bölek alan ýaly sözüň içinde bizarlyk nyşanlaryny duýýaryn. Şygyr :

“Meni garyplyk seniň ýanyňa sürmedi,
Belki nebsi belentlik maňa garyplygy tanatmady.
Men diňe hormat talap edýärin.
Çünki hormat belent we gyňyr nebsiň

häsiýetidir

Gazap bilen bakyp az seredýäň,
Esasan-da özgeleri tanamaýan adam ýaly
asmana seredip, ýokary bakýarsyň.
Güýçlüden çekinip, güýçsüze daýanýarsyň.
Meniň gylygymy bilmeýärmiň we ýolumy
tanamaýarmyň?
Men gylyjy kabul ederin,
Emma zulumy kabul etmerin.
Heläkçilige razy bolaryn,
Emma binamyslyga razy bolmaryn.
Oda çydaryn, ýöne namysa çydamaryn.

Ölüme, ysnyşaryn, emma peslige meýil üns tapmaryn. Ýazgaryşdan gaçaryn, ýöne zäher-awydan gaçmaryn.

Horlukdan bitaplyk ederin, ýöne dertden bitaplyk etmerin. Gadyrsyzlykdan gaçaryn, emma güýçli we gyzan uruşdan gaçmaryn.

Alla kasam, aýplanan namysdan belli ölüm maňa gowurakdyr. Horlanan jandan, maňa tutaşdyrylan ot ýokumlyrakdyr. Paýyş (sögünç) sözler aýdylmakdan, garyn silkilmek maňa ýeňilräkdir.

Aýyply, kör söz eşitmekden, Tigr derýasyna gark bolmak maňa oňadyrakdyr.

Buýsançly nepes, belent hümmet, ýagşy gylyk, päk asyl, beýik şahsyýet, ömürlik nesep, din, namys we etegi arassalyk meni şu ugursyz döwrüň adamlaryna we şu keç bagtyň ogullaryna baş egmekden, ýa-da bir hajat bilen olaryň ýüpüni tutmakdan, ýa-da iýmit-suw

üçin gapylaryny kakmakdan, ýa-da kalbymda olara baha bermekden, ýa-da olaryň topragyna basmakdan gaýtaryp, ýüzümi öwürdi. Çünki bularyň nebisjeňligi we abraýsyzlygy, pytyraňňylygy, din zaýaly-gy, hümmetsizligi, sözüniň yzynda durmaz-lyklary, adamkärçiliksizligi, kararsyzly-gy, bihaýalygy we ýüzi suwsuzlygy äleme meşhurdyr. Men seniň ýanyňa baramda olaryň bu gylyk häsiýetlerinden daş we sözümde wepaly, dostlukda paýdar bolup bardym. Görsem sen olaryň hasaplarynyň düýbi, depderleriniň nyşany, mejlisle-riniň başy we boýun baglarynyň ortasy ekeniň. Indi men saňa bolan dostlugymy durşuna taşladym we janymy onuň ýesirlik ýüplerinden halas etdim. Meniň mylaýymlyk üçin bir atym bar. Ol mylaýymlyk uýany bilen uýanlanandyr nadanlyk üçin hem bir atym bar. Ol nadanlyk eýeri bilen eýerlenendir. Her kim meni gönüläp berkitjek bolsa men gönülenip berkidilen. Her kim meni egreltjek bolsa, men egridirin. Eý, Hudaý, dost-doganlaryň jepalaryna sabyr etmäge maňa kuwwat ber. Salama laýyk adama salam bolsun.

## SEKIZINJI HAT

Sekizinji haty özünden ylym alyp, şükür şertini berjaý etmedik şägirtle-riniň birinden şikaýat edip, ýurt ýaşulularynyň birine ýazýar.

Alla tagalla serwerimize päklik sowutlaryň etek ýalkymlysyny geýdirsin we nygmat jamlarynyň iň durusy bilen suwarsyn. Balh şäheri maňa Mekge şäheriniň hajylara hormatly boluşyndan hem hormatlyrakdy. Indi ol maňa Tebala diýen obanyň hajylara gadyrsyz boluşyndan hem gadyrsyzrak boldy. Çünki onuň ýaşaýjylaryndan hem ýüzbe-ýüz, hem hat arkaly köp yzalar çekip, jepalar gördüm. Olar bolsa Balhda, men bolsam Horezmde ýaşaýaryn. Aramyzda beýik daglar, çuňňur derýalar we giň çöller ýatyr. Olaryň üstünden ýyldyrym geçip, ýyl aşyp biljek däl. Ýok ! Olaryň ýagşylyklarynyň aşagynda men borçly, ýamanlyklary maňa azdyr. Allatagala sögünçden we paýyş sözden başga zat çykmaýan agzy, ýakyp yza bermek we daş gaçyrmakdan başga surat çekmeýän eli kessin. Eger Balh ilaty zulum we hak syndyrmak halyndan çykyp, ynsap gözi bilen gözleseler, täjiniň göwheri we çyrasynyň ýagtysy erkinleriň göreldesi we ýagşylaryň nusgasy, boýun hünjüleriň ortakysy we buýsançlaryň gursak bagynyň günlügidigimi bilip, boýun sunýarlar. Her wagt Balh mejlisleri uly ýygnaklaryň içinde ýatlanylyp, oňatlyklary umumy we ýörite adamlaryň arasynda ýaýradylsa, men onuň habarynyň baş ady we kasydasynyň görnükli setiridirin

(beýtdirin). Barmak-lar maňa tarap ýüzlenip, meniň söýgüm kalplarda ýerleşer. Bilmedim, Balh ilaty näme üçin meni aýyplap ýamanlaýarlar we şu iş bilen özleriniň oduny öçürip, buýsançlaryny weýran edýärler. Men bir sütün, eger ýykylsam öz öýlerinden ýykylýandygymy, eger kesilsem, öz elle-rinden kesilýändigimi bilmeýärlermikä ? Bu kowumlaryň maňa duşmanlyk etmekde we tersleşmekde iň bet gylygy we ýamany oba ilatyndan bolan bir ýaş ýigitdir. Onuň meni ýamanlap sögmäge bolan höwesi gün-günden artýar. Ne din onuň dilini saklaýar, ne-de utanç onuň jylawyny tutýar. Şu şeýle ! Men onuň ylym atasy, onuň boýnunda ylym hakym bar. Ylym gapysyny oňa açyp beren hut meniň özüm. Şu hyzmaty alyp baran serwerimize (Alla ony gorasyn) onuň lakamyny we adyny aýdar, onuň gylyk-häsiýetini beýan eder. Ol onuň asyl habarlaryny we gizlin syrlaryny bilýändir. Maksadyň hasyl bolmagyna ýakyn we ýazgaryşdan daş bolan ýolundan, ýagny mylaýymlyk, merdanalyk we din ýoly bilen şol içi garany öz pälinden dändirip, şerini meniň başymdan sowmagyňyzy towakga edýärin. Onuň hormatly raýy şu haýyşy bitirer, enşalla (nesip bolsa).

# DOKUZYNJY HAT

Dokuzynjy haty dostlarynyň birine hassalykdan gutulyp, aýaga galanyny gutlap ýazýar.

Serwerimiziň (Alla tagalla ony bol nygmat we bereketli döwletiň içinde saklasyn) hassalyk derdi uzak wagtly we agyr basyşly bolsa-da, inelgesi zäherli, soňy erbet bolmady. Belki, kalplary oýandyran we günäleri örten, ýalňyşlyklary ýok eden Alla tarapyndan köp berime eýe bolan, köp wagtda ýatlanmasy hem-de şükür edilmesi unudylan, Allanyň beren saglyk nygmatynyň gadryny bilmegi bendä tanatdy. Hudaýa şükür, serwerimize saglyk donuny berdi we oňa başdikligini gaýtardy. Salamatlyk eşigini oňa geýdirdi. Kerem ýagmyryny onuň üstüne ýagdyrdy. Allatagala şu beren nygmatlaryna we bereketlerine barabarlykda hamdy-sena aýdyp, şükür edýärin. Çünki älemdäki nygmatlaryň iň ulusy giden dert we gelen saglykdyr. Düwüni çözülip, aýrylyp yzyna giden hadysa we gülüp gelen parahatlykdyr hem-de üýtgemän duran dynçlyk we bulanman duran lezzetdir. Allatagalanyň giden derdi bar, şol dert we keselleriň sanyça dolanyp gelen saglygy-da bar. Allatagala saglygy islenýän zatlaryň we talap edilýän ýaşaýyşyň başy etsin.

# ONUNJY HAT

Onunjy haty özünden amanat galam-döwet alýan döwletli kätipleriň birine ýüzlenme usuly we degişme ýoly bilen ýazýar.

Allatagala seni şatlykdan aýyrmasyn. Rahatlygy söýüp, özüňi gyraga çekip dursuň diýip, meni ýazgaryp, iş-güýji goýup, olaryň bähbit-peýdalaryndan geçdiň diýip dursyň. Aýtsam, Alla saňa bagt ýar etsin we endigini kerem bilen bezesin. Men seniň dilegçiligiňden bizar bolup, basyp alyjylykly zyýanyňdan gaçyp, diwan bähbitlerini boşadyp, dost-ýarlaryň ýygnanşygy bilen hoşlaşdym. Näwagta deňiň galam-syýamy basyp almagyňda we içim-daşymy ýow (duşman) biläýmegiňe sabyr edip çydaýyn? Eý, kätip ! galam-syýaň hany ? Belki-de sen eý talaňçy, utanç we keremiň hany ? Ussadyň şaý-esbaby bolmasa, erbet dälmidir. Ýazyjynyň galam-döwedi bolmasa aýyp dälmidir ! Maňa gelip ýeten şatlykly we gülküli kyssa hekaýalaryň birinde şeýle eşitdim. Nyşapur şäherinde Abu Seýit Erre atly bir kireýkeş barmyş. Ol däli we ynjalyksyz, siňek uçsa bikarar we uçgun çyksa haly zar bir adam bolupdyr. Onuň eşekýassyk boýly bir eşegi bolupdyr. Belki-de ondan hem ejizräk we kuwwatsyzrak. Üstüne düşen belalar ony haldan düşürip, ýol ýöremek ony aýakdan salypdyr we eti dökülip, süňki döwülipdir. Günlerden bir gün daş ýürek we rehimsiz täjirleriiň biri onuň eşegini Bagdada

gitmäge kireýine tutup, oňa özüniň dürli we geň harytlaryndan düýeleriň çekip bilmejek, daglaryň çydap bilmejek agyr ýüklerini ýükläpdir. Onuň bir tarapyndan suwly kündik we ol tarapyndan içi çüýrük halwadan doly saçak asypdyr. Üstüne-de içmek, ýapynja, düşekçe we ýassyk atypdyr. Gazandyr, tagan, susak, çemçe, palta, küýze, ýatanda atýan düşegi we turanda aýagyna geýýän köwşi, bulardan başga-da täjiriň öz ýagdaýyny düzmäge we mysapyryň ýörände, düşende mätäç bolýan zatlarynyň hemmesini ýükläp, soň bularyň üstünden Tiblis mülküni alyp, Bylkysyň tagtyny eýelän ýaly bolup, özi münüp, her ýanyndan aýaklaryny sallap oturdy. Eşek betbagt bolsa bu agyr ýüküň aşagynda ýöräp bilmän, naçar bolup galypdy. Ursa hartyllyp, iterse büdüräp ýykylýardy. Kireýkeş biçäre ýol boýy gan aglap, ökünip ah çekýärdi. Ýol boýy kynçylykdan, kireýine alan adamyň jebir-jepasyndan we ýaşaýyş aladalaryndan ýaňa köp yza çekip, ýykylyp-sürşüp, çykmadyk jany bilen Bagdada ýetip, säher wagty bolanda şähere girdi we täjirleriň hem-de aýry ýurtlardan gelýän mysapyrlaryň ýaşaýan ýerini (kerwen saraýyny) tapyp, goş we ýüklerini düşürip, eşegini teblede (gazykda) daňyp goýdy. Üst-başynyň çaň-tozanyny kakyp, derrew ertir namazyny jemagat bilen okady. Hawa, gam-gussa batyp, sütem çeken adam namaza we doga has berlen bolýarda ! Namaz we dogadan boşap, agy-zardan dynyp, mesjitden çykjak bolup barýarka, öýüň gapy tarapyndan aýylganç ýürek ýargyç ses eşidilip, näme

bolduka diýip gapy tarapa ylgady. Görse şerigat goragçysy eline gamçyny alyp we polisiýa gazap donuny geýip, gapynyň agzynda durlar. Halk köpçüligi tomaşaçylar bolsa sanardan köpräk. Kireýkeş näme boldy diýip soranda, öten agşam şu obada bir bozuk täjir hatybyň[1] ter şahasy ýaly gulamy bilen şerap içip, gazyk kakypdyr[2]. Ony öýünden tutup alyp keteginden çykardylar. Ony urup-ýenjip, gamçylap, ýüzüne gara çekdiler. Halka ybrat bolsun diýip, eşege mündürip şähere aýlamaga eşek gözläp ýörler diýdiler. Kireýkeşiň eşegi halk köpçüliginiň gözüniň öňünde duran eken. Derrew ýortuşyp barşyna, alyp gelip, täjiri onuň üstüne münderdiler. Kireýkeş ylgap baryp gygyrýardy. Ýöne onuň gykylygynyň peýdasy ýokdy. Halk bolsa pasyklara nälet aýdyp, jemagat kesekläp, gygyrşyp, köçe-de bazarda kyýamat kaýym boldy. Şeýdip, uly şäherleriň, obalaryň baryna aýladylar. Şäher bolsa Bagdat şäheridi. Agşam bolup, garaňky düşende täjiri boşadyp, eşegi hyk-çok edip, aç-suwsuz aýlap, ýadadyp, soňky deminde kireýkeşe getirip berdiler.

Kireýkeş oňa rehimi inip, ýüzüni gözüni sypalap, Fatyha (elham) süresini okap, oňa çüfledi. Onuň heläk bolmagyndan gorkup, otuny-suwuny artdyrdy. Meşhur arap şahyry Nabyga Zubýanynyň : “Üstüme zäherli ýylan towsan ýaly bolup, gijesi oturdym” diýşi ýaly,

---

[1] Hatyp – metjitde hutba okaýan adam
[2] Jynsy gatnaşyk etmek.

şol gijäni der we gam astynda geçirdi. Daň atyp, horaz gygyryp we daň ýyldyzy doganda, kireýkeş ýerinden turup, täret kylmaga barýarka gulagyna agşamkydan-da aýylganç ses geldi. Täreti goýbolsun edip, näme bolanyny biljek bolup, gapa tarap ýöredi. Görse şerigat goragçysy we polisiýa gazap bilen gapynyň agzynda durlar. Halk köpçüligi-de agşamkydan hem köpräk dykylşyp, hüjüm edýärler. Kireýkeş : "Näme boldy?" diýip soranda, şol täjir ýene-de güýçli kazynyň gulamy bilen kofe içip, depä çykypdyr diýdiler. Ol kireýkeş nalyş edip : "Eý Hudaý ! Onuň ujydy kesilip, haýyrsyz galsyn. Özüň bize başga bir goňşy nesip et." diýip, eşegini goňşusynyň öýünde gizlemek üçin ylgady. Emma köpçülikden biri ondan öň baryp, täjiri oňa mündürdi.

Kireýkeş gam-gussadan ýaňa öz ýakasyny ýyrtyp, ýüzüne urup, kellesini baryp guma togalady. Bu düşümsiz saparda hoşluk bolmaz we mundan sag-aman dolanyp gaýtmak örän çetin we onuň ýyldyzy bagtdan daş diýdi. Şu ýagdaý bilen agşam bolup, garaňky düşdi. Ol täjiri boşadyp, eşegi eýesine tabşyrdylar. Onuň derisi ýyrtylyp, dargap, siňirleri sallanşyp, gymyldara güýji çatmaýardy we horlanyp pyçagyň arkasy ýaly bolup galypdy. Kireýkeş dälirän ýaly bolup, ony tutup alyp, keçe-palanyny arkasyndan aýryp, töwerek daşyny we el-aýagyny boşadyp, suwaryp, iým gaby öňünde goýdy we bir gije boýdan başa oňa derman edip, ýaralaryny daňmak bilen boldy. Daň atyp başlanda öňki iki sesden ýeňilräk bir ses

gulagyna geldi. Ýagdaýy barlamak üçin ýerinden towsup galdy. Görse, şerigat goragçysy gapynyň agzynda dur hem-de polisiýa gamçy urmak üçin bilini baglap taýýarlanyp dur. Adamlar üýşüp sesleri asmana galýar. Kireýkeş näme boldy diýip soranda, şol täjir ýene-de başlygyň nepis göwher ýaly gulamy bilen şerap içip, şol haram işi edipdir diýdiler. Ol kireýkeş zeýrenip, Alla onuň zynatyny goparyp apatyny biziň başymyzdan dep etsin" - diýdi. Onuň üstüne towsup, barmaklaryny dişledi, bir eli bilen tutup, ol eli bilen bolsa urup, süňňüni lerzana getirip, dişlerini hem gyjyrdatdy. Gamly kalp we ýogyn ses bilen zarynlap : Eý ujyty utançsyz ! Eger sen şu erbet gylykdan toba edip bilmeýän bolsaň we şu ýaramaz häsiýetden saklanyp bilmeýän bolsaň azap berlen wagtyňda müner ýaly özüň eşek satyn alsaň bolmaýarmy ? Senä meniň eşegimi heläk edip, özümi karar mydardan aýyrdyň" diýdi.

Indi bolsa men hem şol kireýkeşiň pasyk täjire aýdan sözüni öz serwerimize aýdýaryn. Eger sen patyşanyň kätibi (döwetdary) bolsaň, kagyzyňy özüň taýýarla, bolmasa-da öýüňde heleýiň bilen otur. Sen meniň galam döwedimi işden galdyryp, yzamy-derdimi köpeltdiň.

# IKINJI BÖLÜM
# KASYDALAR

Birinji kasydany älem eýesi, gündogaryň we günbataryň patyşasy Horezmşanyň (ruhy päk bolsun) hormatly beýik mejlisini taryplap, öwüp aýdýar.

Din öýi abat
Ýurt çäkleri berkdir

Hak serişdeleri toplum.
Bozgaklyk düzümi dagandyr.

Alaýeddin beýgelip  ösýär,
Häsiýetleriniň iň pesi
ululyk we serwerlikdir.

Şeýle patyşa alny garaňkylyk
perdelerini gyra çekýär.
Asman bolsa garaňkyrak garalyp dur.

Şeýle patyşa şan-şöwketi bilen
şalar küýne düşen,
Onuň ýagşylyk häsiýetleri mähirlenip,
tassyklaýar.

Muhammet ogly Atsyzyň dalaşlary
bilen
Muhammet pygamberiň sünnetleri
direlip ýöredi,

Belent we beýik hümmetli
Suha[1] we Farkad[2] ýyldyzlary
(demirgazyga golaý ýyldyzlar)
ondan etekde görünýär.

Çynlakaýlykdyr onuň endigi,
Oýun we güýmenje däldir onuň
ýagşy işleri.

Dilenip gelene sansyz berimi inýär.
Kerem-sahawadyň durnugy bolan elden.

Ol uruş tozany turanda goşun içinde
ýolbarsdyr,
Toý mejlis içinde serwerdir.

Sahawat edip başlanda ol,
Eli açyk we berimlidir.

Söweş üçin bilini guşanda
Demir köýnegiň (sowudyň) içinde äpet
arslandyr.

Kesgir gylyçlary syrylanda
Inýän ýerleri gümralyk ählininiň

[1] Suha – kiçi Ýedigen
[2] Farkad – kiçi Ýedigendäki Beta ýyldyzy.

(ýollary azaşanlaryň) jan damarydyr,

Ýüzi günden hekaýat edýär ýöne onuň
adalaty,
Halkyň üstüne ýaýlan saýadyr.

Eý onuň pazylatyny mejlislerde sanaýan
adam!
Bilgil we ägä bol ýöne,
onuň pazylaty tükenmez.

Onuň azamaty bilen beýiklik
gözi oýadyr,
Ýöne hadysalar gözi ukudadyr.

Ol dünýäde ýeke-täk taýsyzdyr,
Oňa taý tä kyýamata çenli çykmaz

Ýok ! Halka rysgal berýän Alla kasam,
Alladan dileg eden halka kasam.

Ol baldyr, özi bilen myradyna ýetdi,
Zähmet çekmedik adam belent derejä
etmez

Onuň döwründe zaman näsazlykdan
gorkman
Eger zaman näsazlygynyň ýyldyrymy
çakyp, güpürdäp ursady

Eý özi bilen gümralyk öýi harap we
weýran bolup,
Dogrulyk öýüniň düýbi tutulan.

Eger sen hümmet etmeseň owazyň hümmet
edilen,
Eger sen bezemeseň, ýadyň bezelen.

Yslam tarapda seniň ýurduň ady belli,
Ykbal gözüne yz-tozanyň çaňy sürmedir

Sen bir kowmuň neslinden,
Olaryň ody daglar başynda ýanyp dur.

Gytlyk düşüp güýjelende olar belli
sahawatly,
Ýagyş döküp duran bulutlar oňa
göriplik edýär.

Betbagçylyklar garalyp abananda olar
belent hümmetli
Süýşüp barýan ýyldyzlar oňa baş egýär.

Haýyr sahawat saçaklary elmydama
ýaýylgy.
Sowgat sylaglary elmydama şöhratly.

Öýleri günäkerleriň penagähi

Goraglary mätäçleriň maksady.

Halk bähbidi üçin aýaga galdylar,
Halkyň hümmeti olaryň duşmanyny
galdyryp ýatyrýar.

Ak gylyçlar görünip,
Gara naýzalar tutulsa,
bokurdaga tarap atylar

Arap atlar  söweş meýdanlarynda
münülýär,
Kesgir gylyçlar kellelerde gaplanýar.

Oklar ganat ýaýyp uçurylan
Gylyçlar gynyndan çykarlyp
sypyrylan,

Uruş suwlary söweş otlaryny
tutaşdyrýar.
Ody we suwy söndürip ýatyrýar.

Uruş meýdanyna girdiň eliňe gylyç
alyp,
Deňiz ýaly gök kesgir hindi demirinden
ýasalan,

Ýere çaldyň her bir ýaragly söweşjeňi,
Her bir dawa tutup boýun gaçyrany.

Duşman seniň ýöriş etmegiň bilen
betbagt boldy,
Dost seniň döwletiň bilen bagtly boldy.

Oraza haýdyň (baýramyň) bagty bilen
gutly sen
Dünýä dursun mydamalyk ýaşa sen.

## IKINJI KASYDA

Dostlarym Leýliniň ýurdy boş galdy,
Bagyr ýakan dem-düýtsüzde barmydyr.

Allanyň kazasydyr betbagtçylyklara
duş gelmegim,
Ondan gutulmak şol meýdandadyr we
Alla halanyny eder.

Biz bu göz ýaşyna gark bolup dursak-da
ruhumyzyň höwesi,
Leýliniň ýurduna tarap gitmäge artýar.

Dostlarym ! Aýralykdan heläk boldum.
Käşki wysala ýetip janlansakdyk.

Meniň söýgi nagşymy köňül
sahypasyndan ýok edip aýrypdyr.

Şonuň üçin ýatda galarym göz ýaşy bilen
nagyşlanyp.

Elbetde şugulçylar jemleşmegimiziň
ýüpüni kesdiler
Belki Mähriban Hudaý şugulçylyk
edeniň sözüni kessin.

Saklan ýaşym ony elden bermedem soň
öwüldi.
Gizlin syrlarym hijrandan soň paş
boldy.

Ukudan Leýliniň hyýaly bilen oýanýaryn,
Ukuda onuň bilen oýanyşym maňa bes uly
nygmatdyr.

Aýak basan ýerine iki gözümi düşek edip
düşeýärin,
Käşki ol gözdüşegime razy bolsady.

Men ýüzleý dostluk edenlerden bolup,
Barlanandan  içden biwepa ýar
bolanlardan däl.

Ýalan sözleri bezeýär welin, işleri.
Ala ýylanyň züherine meňzeýär.

Gündelik kysmata kanagatly bolup

görünýär,
Gizlin bolsa hut ýaly mal-garany ýuwudýar.

Ýagşy gylyk-häsiýet  gazanmakdan galan,
Onuň nahar-şamdan başga käri ýok.

Galan gaçany iýýär diýip goňşusyny
ýazgarýar.
Özi bir gün doňuz tapsa etini iýip
süňküni çeýnejek.

Ol ne beýle betbagt !
Yzzat guşy beýik gursakdadyr,
Onuň işiginde serwerlik guşy
höwürtgeländir.

Alaýeddiniň sahawaty ýagyş kimin ýagýar,
Başgalaryň berimi syzgy ýaly bolup
damýar.

Ol ýigit dünýäni eýeläp syýasata getirip
Bozulan ýagdaýlary düzgüne salan

Ýagşy gylyk we mylaýym sözli
Erbet gep gepläp, paýyş sözi aýtmadyk.

Onuň saraýynda ýörän islege ýeter
Onuň ojagyndan iýen arzuwyna çapar.

Ol mübärek patyşadyr onuň döwründe,
Ýolbarslar goýun bakyp çopançylyk
edýärdiler.

Ol beýik süýdüni içen
Goldanyp ýardam berlen ýurtda önüp ösen.

Gylyjjyny syranda batyrlary dagydan,
Şatlyk edip, hoş bolanda genç
hazynalary pytradan,

Dostlar onuň saýasynda şat bolup gülen,
Duşmanlar onuň güýjünden gamly
bolup aglan.

Eý at münenleriň ýagşysy.
Ýöränleriň jomardy,
beýikligiň süňňüne gatylmak üçin

Jan çekip, bil baglap, gidip-gelip,
Uly at we abraý gazanmak üçin ylgaýaň.

Söweş meýdanynda duşmanlary
tutýarsyň,
Amyryň ak kepderini kepderileriň
arasyndan tutuşy ýaly,

Halkyň arkasy seniň nygmatyň

aşagynda çökdi,
Ýeriň garny duşmanlaryň etinden doldy.

Bir niçe zamany-zaman wepasyz we
duşmandyr-göçürdik,
Ýaýyş bilen dälde ýaşan bolduk.

Hyýanat pişe zaman toplumy-bölegi
bilen bizi gorkuzyp,
Jepa oduny ýakyp tutaşdyrdy.

Nadanlar biziň pazylatymyzy inkär
etdiler,
Ýagtyny göre bilmeýän günüň pazylatyny
inkär eder.

Saňa ýapyşamyzda ýaşaýşymyz
gowulaşdy.
Kynçylyklar çözülip aýryldy.

Dünýä dursun sen dur,
eger duşmanyň ömri,
Uzyn bolsa-da ertirden agşama
çenlidir.

# ÜÇÜNJI KASYDA

**Üçünji kasydany** älem eýesi gündogaryň günbataryň patyşasy Horezmşa (ruhy päk bolsun) bagyşlaýaryn. Birinji söweşlerde miýesser bolar ýurt alyşlygy üçin oňa gutlag aýdylýar:

Beýiklik kesgir gylyçlar saýasyndadyr,
Arzuwa çatmak güýçli  söweşler içinde.

Köwkepleri[1] beýiklik bolan galalar
Arap atlar arkasynda eýerler.

Eger at abraýy isleseň-getirseň,
Batyrlyk eşigini geýseň söweş gününde.

Aldy gündogar şasy Horezmşa,
Öz batyrlygy bilen maksat baýdagyny.

Onuň eden işleri ýer ýüzüni ýagtyltdy.
Habarlary mejlisleri kokutdy.

Onuň at abraýyna ýetmegi duşmany arzuw etdi.
Elbetde ondan zakgun ýygmak aňsatdyr.

Ýene biri onuň ýagşy işlerine ýetmek

---

[1] Köwkep - ýyldyz

isledi
Elbetde ondan gylyjyň ýüzün tutmak
aňsatdyr.

Gylyk häsiýetleri amalyny şat eden
gülüstandyr,
Daň ýagyşlary bilen açylan.

Berim sahawaty açlaryň azygydyr.
Açlygyň  üstüne gurakçylyk düşen.

How ! Deňizler çekilip gurap galar
Emma onuň nygmatlary  tükeniksizdir.

Onuň barmaklary uruşda we berimde,
Duşmanlaryň ganyny dökmek we berim
bagyşlamak üçin ýarar diýlen.

Şulardan dostlara berim nesip edýär,
Duşmanlara ölüm.

Göripler onuň bilen nähili ýaraşsyn.
Ol söweş  güni atlananda.

Dostlary ekiz ýolbarslarydyr,
Kuwwatgär naýzalar dere ýylanlarydar.

Halkyň gursagynda oturtdy,
Berimleri we  dostluk agaçlaryny.

Ýakyn-daş oňa sena aýdyp.
Oturan –ýörän oňa şükür edýärler.

Sen duşmanlaryň düýbüni ýykyp,
Beýik sütünli ululyk öýüni dikeltdiň.

Ýalkymly gylyç bilen hazynany
doldurdyň,
Sahawatly eliň bilen olary paýlap
ýaýratdyň.

Alla seni saklasyn sen geýen adam,
Dogrulyk, päklik we berklik donuny.

Sen ýoluny urduranlaryň öýüni weýran
etdiň,
Sen dogrulyk baýdagyny galdyrdyň.

Açlyk düşüp halk horlananda.
Berimli we sahawatly sen.

Berim wagtynda göz ýuman
Uly berimli we myhman söýer sen.

Sen bar halky dine düzen,
Seniň bilen din sütüni berkedi.

Onuň iki tarapyna çätmäni[1] çaldyň,
Onuň iki paýasyny ýykylandan soň
galdyrdyň.

Pikiriň-zikiriň[2] sarp bolan.
Halkyň dargan ýagdaýyny düzmäge.

Seniň aýdyň  pikirleriň goýulan
Ýurt ýarygy-ýyrtyklaryny tikmäge.

Alnyň ýalkymy on-dördi gijäň aýyny
utandyrar.
Sahawatyň ýaz ýagyşyny batyl
(ýok, güýçsiz) edýär.

Niçeme möhüm işleri ýerine ýetirdiň.
Ýagşy çyn iman rehmet bilen.

Kapyrlaryň ýurduna goşun çekdiň.
Alla ýolunda birnäçe gezekler
jyhat etdiň.

Goşunyň demini bermän birden
olaryň üstlerine döküldiler,
Olaryň gözleri heniz uky lezzetindedi.

---

[1] Çätmän - Çalgy daş.
[2] Zikir – ýatlamak, oý-hyýal.

Ölüm otlaryny olaryň üstlerine
ýagdyrdyň,
Ak gylyçlar we goňur oklar bilen.

Göýä atlaryň aýaklary söweş gününde,
Zagpyran bilen boýalan ýalydyr.

Niçeme aç wagşy haýwanlar seniň
yzyňda,
Niçeme suwsuz guşlar seniň ýeňsäňde.

Olaryň ähლisini maslyklardan
doýurdyň,
Bulary gandan gandyrdyň.

Duşmanlaryň ýaşy gözden boýurdan,
Toplumlary çekirtge ýaly bolup
pytyran.

Kimler gaçyp daga çykan,
Kimler gaçyp derä inen.

Olar öz nadanlaryna daýandylar,
Seniň bilen söweşmek üçin elbetde
nadanlyk erbet ýaragdyr.

Olar  duşmanlyk edip ýygyp
bilmediler,
Duşmanlyk agaçlaryndan ölümden

başga zat.

Olaryň soňy betbagtçylykdyr,
Elbetde pitneçiniň soňy şeýledir.

Olaryň ýaşlary ýesir,
Aýallary ýasdadyr.

Haýmalary (çadyrlary) ýolbarslaryň
öýüdi.
Seniň gylyjyň bilen geçileriň ýagyna
öwrüldi.

Olaryň ählisi çöllerde,
Aga ýoldaş, ukusyzlyga syrdaş boldular.

Eý gündogar şasy saňa sena,
Ol senanyň merkezi kalbyň düýbündedir.

Bişip ýetişen söz näme üçin bişmesin,
Yşk ody bolsa tutaşyp ýanypdyr.

Seniň senaň kalbymdan beýaz,
Seniň söýgiň hatyrymdan suwardyr.

Seniň rehmetiňden gara hadysa maňa
boýun egip,
Gatylykdan ýumşady.

Maňa müşteri  ýyldyzynyň üstünde jaý
berdiň.
Duşmanlaryň isleglerиниň tersine.

Adymy ýetenden soň meşhur etdiň.
Bazaryma kesatdan (şowsuzlyk) soň
rowaçlyk berdiň.

Maňa eden ýagşylyklaryň täsirleri,
Zaman sahypalarynyň ýüzünde äşgärdir.

Azym-köpüm sendendir,
Ýolum senden we önüşim sendedir.

Eger zamananyň hadyslary maňa zulum
etse,
Seniň kesilmän akyp duran adalatyň
daýanjymdyr.

Dünýä dursun sen nygmatdan aýrylma,
Päk-nygmatlar elmydama artyp dursun.

Duşmanyň döwri ýitip barýar,
Seniň ömrüň artyp durýar.

Berim saňa bu dünýäde demir köýnekdir,
Takwalyk saňa kyýamat gün azykdyr.

Ýigidiň berimi oňa demir köýnekdir,

Ýigidiň takwalygy oňa ýagşy azykdyr.

## DÖRDÜNJI KASYDA

Peşgeşiň umydygärleriň üstüne ýagyp
durar,
Saýaň pena getirenleriň üstüne ýaýlyp
durar.

Mejlisiň beýikler üçin ýagşy jaýdyr,
Deräň myhmanlar üçin oňat düşelge.

Mübärek bagtyň oňat bagtdyr,
Ýagşy ýoluň oňat ýoldur.

Seniň mejlisiň belentligine.
Asman köşgüniň ýyldyzlary ýetmez.

Şol mejlisde her patyşanyň ýüzi ýere
düşer,
Şol ýerde soltanyň kaddy egiler.

Dostluk yzzat bakjasynda şatlykda,
Duşmanyň horluk donunda ýürekde.

Ýurtlary gabap aldyň syna erip
(döş gerip),
Hadysalar oduna tutaşandan soň
söndürip.

Bu döwürde pytyran zatlary düzdüň,

Yslamda egrelen zatlary dograltdyň.

Mähribanlyk bilen kalplary şat etdiň,
Dürli berim bilen gam-gussalary
ýok etdiň.

Sözüň ýüpe düzülen göwher ýaly,
Gylygyň bolsa kokap duran anbar ýaly.

Seniň at-abraýyňa duşmanlaryň bary
mugyra
Elbetde daň atandan soň ony inkär etjek
bolmaz.

Eý kynçylyk gijelerini ýagtyldan,
Eý göz tutulan bähbitleriň gapysyny
açan,

Siziň berk ruhuňyz we dag üstünde
ýakylan oduňyz bar,
Ol ot myhman bolup geljekler üçin
hoşboý agaç bilen ýakylan.

Küpür ýurduny sürüp basaladyň,
Ýöränden ot ýaly tolkunly at bilen.

Deňiz ýaly göze galmaz at bilen,
Söweş deňzine iterlende düýbüne
çümýär.

Her inimi bellenen ajal ýalydyr,
Her basymy ýagşy amal ýalydyr.

Münseň ony bady-şemal neslinden,
Görseň ony keman  aslyndan.

Uýanlasaň ýagşy uýanly
Eýerleseň bular ýagşy eýerli.

Goşun çekdiň gorkmaz olar ölümden,
"Menbiç diýen ýerde ölüm bolmasa"
diýen sözündedir.

Ýar uly hem ýüzi açyk pyýadamy,
Syrylan dürli ýarag atlymy.

Kapyrlaryň ýurtlaryna baraňda
bekilediň,
Naýzalaryň ujy bilen çykalgalaryň
ýoluny.

Nijemedir tä gara ýere urulan,
Nijemedir gyzyl gana boýalan.

Nijemedir sen ol ýurtda gan dökeniň,
Göterip diniň baýdagyny eliňe.

Haml Ýafes ajamlary eýeläp,

Uweýs hazarç araplary seýisläp.

Uruşda gylyç ýaly azm bilen,
Gije dogan aý ýaly.

Azaşanlygy weýran eden ok bilen,
Uruş oduny tutaşdyran gylyç bilen

Gündogar şasy !
Saňa bir kasyda bardy menden.
Pytyraň beýitler bozuk hatyrdan
(kelleden, aňdan).

Elbetde onda zelel bar,
men ony bilýärin,
Tabg (çap) pisent etmese-de emma
gelişidir.

Baky bolup galardyň gorkana pena bolup,
Gam çekene ýar-u umytlyga dost bolup,

Bolsa seniň duşmanyň gaýgy gamdan
çykmasyn,
Dostuň bolsa elmydama aýyş-eşretde
ýaýnasyn.

Gündogary hem günbatary akyl bilen
alarsyň,
Bir şu däl-de esse-essesine eýesiň.

## BÄŞINJI KASYDA

Eý, Umeýma janym,
näçe uzak bolsa-da gitmekçi men,
Saňa bolan geň söýgimi hat içinde
bitmekçi men.

Sapar etdim, gymmatlykdan gaçyp
beýikligi talap edip,
Beýikligiň talabynda çekilen zähmet zaýa
bolmaz.

Ägä bol, gije-gündizki zähmet bilen
beýikler ele geler,
Aýagyny diň salyp ýatan adam beýiklige
etişmez.

Başga gözler ýatsalar-da bir uklaman
oturdym.
Beýiklik yzynda gijeleri ötürdim.

Haçana deň şeýle bir halkyň arasynda
ýaşaýyn,
Olarda kerem ýaýlymlary gurap galan,

Olarda aýypdan başga gylyk ýok,
Olar haýra çeken ýok.

Ýaşlygymdan beýik derejelerden gapyl

galdym,
Şol wagt ýaşaýyş ugrum geň rownaklydy.

Bilmezlikden ýaşlygymy  elden berdim,
Käşki ýaşlyk döwri dolansamyş.

Näme üçin kyrkdan soň wezipäniň
yzyndan ylgaýyn,
Elbetde nebisjeň adam ylgar-da.

Meniň ýaly adam nirä gitsin, ol otyr,
Ýagdaýlaryna razy bolup,
gury çörege kanagat edip.

Emma niçiksi  razy bolaýyn öz gumumda
bir topary görýärin,
Töweregimde aç garyn,
gijeleri oturýarlar.

Bagtym we zähmetim bilen arzuw
miwesini  ýygaryn,
Emma bagt bolmasa zähmetimden ne peýda

Bir saraýyň ýanynda,
çadyrymy dikerin onuň meýdany,
Mätäçleriň azyk ýyldyzlarynyň
dogan ýeridir.

Alaýeddin diýen Muhammediň işigine,

Ol işigiň hökümleri we kanunlary
düzgünlidir.

Ol her bir kynçylykda ýol açan
patyşady.
Uýan eýe oňa boýun bolup elmydama
eňişli.

Helimlik ýüpleri berk bolup
goňşusyny goraýar,
Takwa etekleri päk bolup,
hem-de pes päldir.

Ýüzi açyk we giň gursakdyr,
onuň mylaýymlygy,
Hatakärleriň şepagatçysydyr.

Halkyň hormatlysy hem eli üstün,
Dini gorap, döş gerip gylyç syran.

Söz aýdanda bar başlar egilen,
Ýöriş edip topulanda halklar
oňa boýun egen.

Elleri ýurt malyny pytyradan
Şonuň bilen dil senasyny üýşüren.

Adalatyny çöle, deňze pytyradan,
Ýagşylygyny şarka, garba ýaýradan.

Onuň mejlisi arzuwlaryň bossanydyr,
Islegçileriň umytlarynyň otlagydyr.

Daglar hem onuň gylyjyna perde bolup
bilmez,
Deňizler-de goşun çekmegine päsgel
bermez.

Onuň guran zadyny pelekler-de weýran
edip bilmez.
Onuň ýasan zadyny döwür çöwürip bilmez.

Haýry-ýagşylygy mätäçlere yzy
kesilmän ýetýär,
Ýagyş damjalarynyň sany hem onuň
ýagşylyklarynyň sanyny ýetirmez.

Onuň elinde berim deňzi tolkunýar,
Onuň gylyjyndan ölüm sili deginýär.

Goşgy-nazm sözleri,
Geň täzedir köňülleri awlaýar.

Olar beýik boýunlaryna bag,
Many goşunlarynyň talaýasydyr
(öňidir).

Şeýle bir many-labyzdyr hysrowany

heňi ýaly geň galdyryjy,
Şeýle bir erada we hümmet hendiwany
gylyjy ýaly ötgür.

Iki başly  dinar onda zyýan bar
duşmana,
Ýöne dosta uly bähbit onda  bar.

Onuň bilen Mülk agajy gögerdi,
Emma göz bakymynda açyk sarydy.

Ol sebäpden nesihatçylaryň orny
beýgeldi,
Göripleriň ýüzleri saraldy.

Ýalkymly we iki ýüzi kesgir bolan
gylyjyň.
Yzly-yzyna bolan zarbasy gaçyrýar
duşmanlaryň başyny.

Bozuklaryň atlaryndan iýmiti,
Müşrükleriň janlaryndan içgisi,

Ýeňiş bilen dostlaryna jan beren,
Uruş bilen duşmanlaryndan jan alan.

Gyzyl-goňur bolup,
lowlap duran bir naýza,
Görünende asmany ýaran ýyldyrym,

Uruşda tutup gezelende ýarýar,
Dagyň kalbyny, demir köýnek bolsa-da

Şekili, teşne ýylan  şekilinde
Inse gaty daşy goparjak.

Tiz görüji, aýak ganatdyr at,
Hilegäriň ýaňra şadysyny eşiden at.

Ýaryşanda ýüwrük ýelden öň çykan,
Agsak-togsak onuň yzyndan ýetermi.

Ýaly onuň gije kimin garadyr,
Maňlaýynyň agy atan daň dek ýagtydyr.

Oňa duşmanlyk edýär il bolmadyk
bir kowum,
Ýagty ýyldyzlara duşmanlyk
edip bolarmy.

Göripleriň kemçiligi we onuň
artyklygy belli bolar,
Jemleseler fahyr (guwanç) üçin
mejlisler hem olary.

Eý, patyşa seniň yzzatyňdan
menlikçiler hor boldy,
Hilegärler güýçlenenden soň zar boldy.

Gylyjyň seniň hak-adalat ýardamy,
Naýzaň seniň kapyrlaryň gamçysy.

Seni söýmekde elbetde bar köp peýda,
Duşman bolsaň azap geler huweýda[1]

Ýagyş diňe seniň berimiňden dat edýär.
Köňül derdi diňe seniň zarbyňdan
zar aýdýar.

Sen şeýle bir kowumdan,
olaryň elleri–
Ýaradylan sahawatdan gollary.

Olaryň gylyk häsiýetleri bagşam[2]
gününde,
Serişdedir olara berim diläp barana.

Olaryň ýüzleri bary-haýaly,
Janlary hem päk, dogrulyk köýnekli

Sözleridir mugjyzalar nyşany,
Işleridir ýagşylyklar  çeşmesi.

Ol ýagşylyklar uzyn kökli agaçdyr,

---

[1] Huweýda -  aç-açan, aýan.
[2] Bagşam güni – peşgeş-sylag güni.

Miweleri bişendir hem ýygymly.

Seniň ryzaň tersleşene
peýdaly içgidir,
Gazabyň hem tersleşene
öldüriji zäherdir.

Sahawat tutaryndan,
senden gaýry tutjak bolmaz,
Ykbal depesinden senden başga
çykjak bolmaz.

Sen ýagşy gylyk baýdaklaryny
diken sen,
Sen kerem sütünlerini galdyrdyň sen.

Niçeme dostluk sapasyny
görkezen adamlar,
Egreldi olaryň ýanlary
duşmanlygy gizlemekden.

Mylaýymlyk etdiň emma çenden
aşanlarynda sowardyň
Ölüm jamlary bilen,
elbetde şer şeri dep eder.

Zamana hadysasyndan aman bol men
şeýle bir ýagdaýda,
Ýeňiji ganly ýaş bilen boýaýaryn.

Gam gussalar dökülen, dökülende men –
Aç haýwanlar ýaly olaryň içine
düşýärin.

Kalbym gam-derdinden azarda,
Göz ýaşym musybat[1] derdinden dökümde

Ýaşaýyş donumy ýamamak isledim,
oňa ýok –
Senden gaýry, sahawat edip ýamajak.

Döwür dursun, sen dur, ýeňillik gelýär,
Seniň aýdyň hümmetiňden,
bereket hem yzyňdan

[1] Musybat – betbagtçylyk.

## ALTYNJY KASYDA

Dostlarym zamana meniň rahatlyk
donumy çäk etdi,
Zaman hadysalary azap çadyryny
dikeltdi.

Menden güýç we gaýtargy görünmän soň,
Üsti üstesine belalar indi.

Gylyçlary küteldip dostlarymy
çalşyrdy,
Ýaranlarymy kemeldip, kuwwaty ýok etdi.

Alladan bagt isläp dileg edemde,
Onuň bereketinden betbagtlyk
garaňkylarym açyldy.

Hadysalar dolup, meni gabansoň,
Dilegim asman işigine ýol tapmady.

Kalbym bolsa gijelerde gam astynda,
Özüm bolsam elmydama zulum astynda.

Dostlarym bilen oýnaşyp arzuw –
Isleglere ýeten günlerimi ýatladym.

Käte süýji sözler –
Gähi şirin çaý bilen şat boldum.

Şerap içmek günädir,
şonuň üçin ýazgardyldym,
Ýaryşda çykan hata etmezmi.

Bir hata üçin maksada ýetmesem,
Elbetde meniň çärelerim örän köpdür.

Alla arz edýärin,
Bir erbet menlikçi halky.

Olar erkek adam emma,
Gylyk häsiýetde aýallar ýalydyr.

Alla saklasyn aýyp söz dile getirmän,
Ýola girip sahawat saçagyny ýazan halky.

Olar gudrata ýetenlerinde hormatsyzlyk etmediler,
Ýeňenlerinde jepa gylyjyny
syrmadylar.

Alaýeddöwle arzuwlarymy ýatandan soň,
Dikelden patyşa meni sylady.

Ol päk etek pasyklyk uýanyny,
Höwes eline bermedik.

Onda Horezmşalyk hümmet bar.

Ýalkymy guşluk wagtynda bolan gün
ýalkymy ýalydyr.

Onuň beriminden bulut bir damja,
Beýiklik ýagtysyndan ýyldyz bir
közdür.

Her bir aňňalan onuň inelgesine düşen,
Otlary hemme gyşda ýakylan.

Garaňky gijede azaşan –
Dag başyndaky ýalynlar bilen ýol tapar.

Onuň beýiklik haýbaty buýsanç
mejlisinde oturýar,
Berimleri bar berimden aşanda.

Beýiklik eli oňa fahr[1] donuny
geýdirdi,
Şol geýim, Alla kasam,
abraýly geýimdir.

Eý! Sypatlary bar aýypdan päk bolan,
Gylyçlary kütelmäni tiz[2] bolan.

Yslam dini seniň bilen saklandy,

---

[1] Fahr –buýsanç.
[2] Tiz – ýiti.

Elmydama sakladyň şerden,
berk ýapyşalga bilen.

Şerigat synandan soň seniň bilen
güýçlendi
Kapyrlyk kalplary gatanyndan soň
eredi.

Goşunyň söweş meýdanynda ýolbars
ýalydyr,
Gylyjyň garaňky gijede göçen ýyldyz
ýalydyr.

Eliň dynman guýup duran bulutdyr,
Suwy, depe-düzi suwarýar.

Köňül islän, arzuw eden,
Söwer ýaryň nesip etsin.

Dili şirin sözli,
Jilwe lybasynda görünýän
gelinlik ýaly.

Dünýä dursun saklap dur,
dony halka ulusa,
Dogry ýoldadyr göni.

Asuda ýaşadyň arzuw-isleg –
Atlaryna atlanyp.

67

## ÝeDINJI KASYDA

Süýşüp barýan bulutlar,
Halysa ýurduny suwardy.

Şeýle bulutlar eger ýagyşyny inderse,
Gytlygy ýer ýüzünden ýok etjek.

Ýyldyrym çakanda etegi,
Gana boýalan hünni[1] aýal ýalydyr.

Güpürdände göýä çagalaryna
Aglaşyp duran aýallar ýaly diýersiň.

Giçkileri hurma agaçlary suwarýar,
Irkileri tiken çöpler direldýär.

Dostlarym Leýli menden ýüz sowdy,
Gurbanyňyz bolaýyn oňa aýdyň näme
bolduka?

Şugullar ýanymda, ony ýamanlaýarlar,
Ony ýazgarýanlaryň ýüzün döndürsin.

Onuň ýüzi jennet,
Agzynyň suwy-da behişdiň çeşmesidir.

---

[1] Hünni – negr.

Onuň ýaly köpdür diýýärler,
Heýde Alla onuň ýalyny ýaratdymyka?

Sakylar jamlara ýagyş suwuna,
Şerap goşan ýalydyr.

Gursagy gujak dolduran,
Injigi hal hal (aýakdüme) dolduran.

Dostlarym näme üçin zamana, (döwür)
Ýagşylaryň ýüzlerini nadanlara
görkezýär.

Azada adamlara betbagtlyk berip,
Ýaramazlary bagtyýar edýär.

Elmydama onuň işi şeýledir,
Azada adam umytlaryny söýmese-de.

Şalaryň buýsanjy meni saklap –
Eden ýagşylyklary arzuwlaryma ýetirdi.

Eden hormat-sylagy derejämi beýgeldip,
Köňlümi asuda etdi.

Onuň sahawaty –
Ýagyşly-ýagynly buluda meňzeýär.

Eý, beýik patyşa!
Ululyklar derejesiniň soňuna ýeten sen.

Ylym ähliniň derejesini ulaltdyň,
Alla olary ulaltmagy wajyp etdi.

Boýun sowanlar bilen nijeme uruş etdiň,
Şonuň batyrlaryny hor etdiň.

Duşmanlar bilen söweş etmek üçin aýlanyp,
Zemini lerzana saldyň.

Onuň odunyň yssysyndan –
Agşam günortan ýaly bolup gyzdy.

Ýyldyzlar ýaly ýalkymly gylyçlar bilen,
Gümralary ölüm inelgesine sürdüň.

Ýaşlary gabyra taşlap –
Sallançakdaky çagalary garratdyň.

Müşrükleriň[1] gözlerine,
Kyýamat howplaryny görkezdiň.

---

[1] Müşrit – butparaz.

Baýram geldi, baýram wagty şatlyk et,
Zähmetiň bilen bagta ýet.

Halk ýaşulularyny,
Ýolbars çagalaryny goraýşy ýaly edip
gora.

# SEKIZINJI KASYDA

Onuň berim deňizlerine kenar ýok,
Onuň hezretine kerwen çekilýär.

Ol pikir we baýrak taýdan mübärek
şadyr,
Gylyk häsiýetleri iş bitirmek,
soňyny saýgarmak we berimdir.

Horezmşanyň mertebesiniň atyryndan,
Hidaýat mejlisleri ýakymly ys ýaýdy.

Gylyk häsiýetleri päk we näzik ýigit,
Ne beýle onuň gylyk häsiýetleri örän
oňat bolupdyr.

Elinde bar maly bermäge sahawatly,
Emma ar-namys we dini elden bermän
saklan ýigit.

Onuň keremi gündogar-günbatary tutan,
Adalatly jahana ýaýran.

Mal pytratmaga tebigaty höwesjeň,
Ýagşy gylyk gazanmaga köňli maýyl.

Howpy dep edip zyýany aýran,
Jebir-jepany gadagan edip,

haýyr-sahawat köp eden.

Onuň elleri halky direlden diýersiň
sen,
Şol eller ryzk gapysynyň
açarlarydyr.

Bar halkyň hormatyny ýerine ýetirdi,
Elbetde doly deňziň tolkuny bilen
ýapjagaz deň bolarmy.

Niçeme atly onuň bilen ýaryşa
çykdylar,
Emma ýaryş meýdanynda pyýada bolup
galdylar.

Her tarapdan azadalar gelip oňa
penalanýarlar,
Alymlar onuň beýik hezretinde mekan
tutýarlar.

Onuň sag eli tolkunly deňizdir,
Ýüzüniň ýagtysy kemala ýeten aýdyr.

Onuň hümmet gupbasy asmanlaryň
üstünde,
Ýyldyzlar şol beýik ornuň astynda.

Gün onuň bilen deňelse ýagtysyz,

Daň açyk we Bedr aýy kämil däl.

Güýçli dyrnakly ýolbars duýujy däl,
Kesgir gylyç öldüriji däl.

Haýyr-sahawat ondan ýaýrady,
Şonuň ýaly akyl parasat onda ýygnandy.

Eý, möhüm  işe çagrylýan adamlaryň iň
ýagşysy!
Özüne tarap ýol sökülýän adamlaryň
jomardy.

Seniň gapyňda açlary iýmit bar,
Suwsyzlara-da suw bar.

Seniň pikiriň garaňkylyklarda ýagty
ýyldyz,
Hümmetiň kynçylyklarda kesgir gylyç.

Dürli öwgüleri ýygnan sen,
Kerem ýüklerini çeken sen.

Şeýle bir kowumdan sen,
Buýsanç güni olaryň soňy
(hemmelerden) öňdür.

Olaryň ýüzleriniň ýalkymy gözleri
çaşyrýar,

Ol naýzalar olar bilen güýçlenýär.

Olaryň sahawatyna seretseň.
Magn[1] maderdir[2] onuň dilewarlygyna
seretseň kaýs[3] Bakyldyr[4].

Seniň beýik köşgüňde düşülýär,
Uly arzuwlara ýetişmek üçin.

Onuň töweregi berim talap edýänleriň
eridir,
Meýdany dilegçileriň öýüdir.

Oňa düşen yzzat we bereket bilen
dolanar,
Oňa bolan sylag-hormat bilen öwrüler.

Ýyl gytlyk we guraklyk bolup,
Myhmanlara iýim-düşüm bolmanda.

Dünýä gurap, ot agaçlar –
Gögermän birje katra dammanda.

Adamlaryň garny boşlukdan gaýnanda,
Gazanlar gaýnamadan galanda.

---

[1] Magn – taýpa ady.
[2] Mader – bir gysganç adamyň ady.
[3] Eaýs – taýpa ady.
[4] Bakyl – dili peltek adamyň ady.

Halkyň ýüzüne nygmat gapylaryny
açdyň,
Ýagyp duran ýagyş ýaly sahawat bilen.

Şunuň bilen garaňkyran zamana
Ýagtylyp, suwlan bakjalar ýapraklady.

Bela otlary lowlap durarmy?
Seniň eliňden berim suwy akyp durka.

Derejäň hemme adamlardan ileridir,
Naýzalaryň yzyndan başy öň bolşy
ýaly.

Olary berim suwundan suwardyň,
Gandylar diýersiň olar bakja berimiň
ýagyşdyr.

Zamanany adalat bilen dikeltdiň,
Günortasy ýagşylykda giçlik bilen
deňleşdi.

Könelen beýiklik bilen däp-dessurlary
täzelediň,
Ýurduň  bezegsiz ýakasyny bezediň.

Bar yzzat sende bar,
Bar buýsanç sende bar.

Kimiň işin düzmeseň ol ýykylan,
Kimiň derejesin galdyrmasaň,
ol unudylan.

Seni öwmek hakdyr, baş gaçyryp bolmaz,
Seni öwmekden başga sözüň bary
batyldyr.

Zamana dili  mydama seni öwmekde,
Ýöne onuň aýdýan sözünden beýik sen.

Öwgi getirýän zatdan gaflatda däl sen,
Beýiklik tirkeýän zatdan habarsyz
däl sen.

Dünýä dursun sen dur, gursagyň käbedir,
Uly we kiçi onuň daşyna togap edip
aýlanýarlar.

Duşmanyň betbagtlyk ýesirliginde
daňylan,
Dostuň bagt donuna buýsanan.

## DOKUZYNJY KASYDA

Gözlerimiň ýaşy ýaňaklarymdan –
Akdy, dert janyma ornady.

Hawa dert içimde çadyryny dikdi,
Oňa solma janyň didaryndan başga
derman ýok.

Ýüzi täze dogan gün ýaly,
Ýagtysy garaňkylyk köýneklerini
çäkleýär.

Onuň wysaly jana rahat,
Didary göz karary.

Çadyryň içinde ýüz perdesini göterse,
Ol çadyr saňa behiştden habar berer.

Huzwada[1] geçen günleri,
Giňişlik ýaşaýşy ýada saldym.

Şol ýeriň salkyn şemaly ruhumy
şatlandyryp,
Hoşboýy we rahatlygy köňlümi
guwandyrýar.

[1] Huzwa – ýurt ady.

Soň onuň nygmaty azap bolup,
Sapasy bulandy.

Eý, janym saňa aýdýar Solmanyň
waslyndan,
Umyt üzüp halkdan halas boljak
bolýarsyňmy?

Ägä bol, elbetde, Solmanyň
(Alla haýryny artdyrsyn), wepasy,
Aşyklaryň isleginiň tersine azdyr.

Onuň menden gaçmagy ýaşaýyş
durnugymyzy,
Pytradyp, jepasy üns ýüpüni gyrdy.

Bagrym mydama ot içinde,
Gözüm mydama ýaş içinde.

Mähriban Alla ölüm bilen janymy
halas etsedi !
Solma köýünde betbagtlygym uzaga çekdi.

Eý, Solma, maňa mähirli bol, çünki,
Eşitmesinler seniň baýlygyň meni
yzarlaýar.

Başyň dik bolsun ol seni halys söýdi,
Sen  oňa hyýanat etdiň bu onuň jezasy.

Seniň hatyraň üçin diri galmak
isledim,
Eger menden ýüz öwürseň bakasy
durmasyn.

Hadysalaryň elinde ejiz bolup galdym,
Onuň dermany Horezmşanyň ýanyndadyr.

Alaýeddöwläniň sahawaty dökülip
başlasa,
Berimi bulut ýagyşyndan hem ýokary
çykýar.

Döwür garaňkylykdan soň ýagtyldy.
Onuň ertiri-gijesi görkde deňdir.

Onuň häsiýetleri ýer ýüzüne adalat
ýaýratdy.
Şonuň bilen ýolbarslar hem-de keýikler
ysnyşyp dost boldular.

Gylyçlary bir söweşde suwsasalar,
Demir köýnekleriň ganyndan ganýarlar.

Şol gelip edep-ekramyň ýüzleri
açyldy.
Suwy we görki gideninden soň.

Nyşanlary aýrylandan soň täzeledi,
Baýdagy ýykylandan soň dikeltdi.

Bela inse ol aýyrýar,
Gam düşse ol açýar.

Dilegçiler köpçüligine menziller
gurdy –
Binalary, ýedi gat asmandan hem ötýär.

Onuň mejlisi haýyr-ýagşylyk talap
edijileriň düşelgesi,
Meýdany muştaklaryň gonalgasy.

Duşmanlar ölümden gaçýarlar, ol ölümi
Onuň eline alyp syran gylyçlary olara
sürüp eltýär.

Eger asmanlaryň üstünde gala tutunsalar,
Elbetde ajal asmanyň üstünde olara
baryp ýeter.

Eý, uruş oduny söndüren,
Kerem agaçlaryny gögerden.

Dünýä şeýle döwlet geýimini geýdirdiň,
Şol döwlet bilen dünýäniň ýeri-asmany
buýsanja ýetdi.

Şerigat ýurtlarynyň baryny,
Hergiz öçmejek adyl çyralar bilen
bezediň.

Jamlaryň we ýagşy görýän şerabyň,
Söweş meýdanynyň ýolbarslarynyň
kellesi we ganydyr.

Görýärin,
yslam döwleti beýik derejä ýetdi,
çünki sen, eý patyşalar buýsanjy !
Onuň beýikligi sen.

Söweş bilen dönükleriň ýurduna gitdiň !
Allanyň emri bilen pany boldy,
panylykdan saklansadyň.

Goşun meýdanlarynyň ýyrtyjy
haýwanlary,
Açdylar,
seniň eliňden olara iýmit iberildi.

Bir ýerde sen dönükler bilen söweşseň,
Ol ýer wagşy haýwanlara mekan bolýar.

Açlar etden doýýar,
Teşneler (çellänler) gandan doýýar.

Eý, sen daň atyp durdugyça,
Baky dur, tükeniksiz  ömür bilen.

## ONUNJY KASYDA

Eý, alymlara many-ähmiýet bolan,
Zaman musybatlarynyň içinde bişen.

Eý, gylyçlaryň oduna zaman goldap,
Beýiklik ýalkymynyň haýbat jemalyny
artdyran.

Seniň ýurduň görme-görüşe gelenlere –
Ýagşy öýdür, ýüklerini düşürmäge.

Gapyň rysgalda keremi-maksatdyr,
Haýyr isleýänler oňa tarap kerwen
çeker.

Umyt edip saňa baranlaryň şatlygy,
Dury suw tapan suwsuz adamyň şatlygy
ýalydyr.

Güýjüň ýedi gat asmandan ýokary,
Mertebäň asmanlardan beýikdir.

Ýagşy gylyklaryň sapada-näziklikde–
Şemaldan ýokary, belki şemal öňdedir.

Buýrugyň ýurduň gündogar-günbatarynda,
Deňizlerden geçip, daglardan aşýar.

Alymlar içinde dogry ynançly bolduň,
Beýan edip söz aýdaňda iň dogry adam
bolduň.

Akyl taýdan alymlarda mübärek,
Kynçylykda pikir taýdan giň gursak.

Duruş içinde hümmetleri ýalkymly,
Söweşlerde naýzasy ötgür.

Haraý sorap gelenlere eçilgiç,
Muşdaklara haýyr-sahawat ýagdyran.

Eý, suw ýaly oklary sen atan–
Hem olary damar suwuna[1] inderen.

Güýji bilen zor ýolbarsy awlaýan,
Zor ýolbarsyň keýgi awlaýşy ýaly.

Dilegden öň halka yhsan eden,
Başgalary berimden öň sorag
edip köňül ýeten.

---

[1] Suwuna – ganyna.

Halkyň rysgalyny ýetirip-bitiren,
Bary olaryň zamananyň ýagşylygyndan
paý alan.

Berimde elleriň deňiz ýalydyr,
Hem rutbaň (derejäň)
doly aý ýaly bitewidir.

Seniň güýjüňden zulum yssysyny öz
ýüzüne öwrüp,
Halkyň ütüne saýa ýaýdy.

Hem-de çatmak höwesiň berime köpeldýär,
Başgalaryň gursaklaryn daraldýar.

Mätäç adam zyýaratyňa barsa,
Arzuwyna islegine ýetip,
hem-de şat bolar.

Halky göneldip dogry ýola saldyň,
Bereketden din gümralygy daş etdiň.

Mydamalyk beýiklik we ululyga sag el
bolduň.
Başgalar bolsa sol el boldular.

Seniň berimiňi sanajak bolýana
aýdýaryn,
Kimdir deňiz damjalaryny sanajak ýa

çägeleri çäklejek.

Elbetde duşmanyň mülki  baky däldir.
Arzuwlar ony düýşürgedýär.

Ýaşa sen, kerem bakjasynda bulut bol,
Baky dur haýyr asmanynda hilal bol.

## BÖLEK ŞYGYRLAR

Bölek şygyrlary älem eýesini taryplap (ruhy päk bolsun) we Emirilmöminin halypanyň sylagyny gutlap aýdýar :

Ýaşa sen, eý öň ýagşy işleri bilen,
Beýiklik we öwgi baýdagyny galdyran.

Şerigat bakjasy açylyp,
Ýurt ýakasy bezelen.

Seniň kesgir, ýalkymly gylyçlaryň,
Duşmanyň ýurtlaryny çöle dönderdi.

Ýagşy işleriňden zamana dost aýlandy,
Döwür adamlary, boýun egip, gul boldular.

Ýagşy häsiýetleriň mülk kokady,
Şol sebäpden hamdy-sena bahasy ýokary galdy.

Halyplyk merkezinden saňa sylag geldi,
Ol sylag seniň beýik derejäňden buýsanja ýetdi.

Şeýle hem asmandan daman damjalar,
Deňize düşüp göwhere öwrülýärler.

**Bu bölekde Horezm iline sag bolsun aýdýar.**

Alla suwarsyn ýurduňyzy Horezmiň
beýikleri bilen,
Ülkäňizi gorasyn duşmanlaryň elinden,
alyndan ?

Myhman alşyňyza sag boluň ýurduňyza
baramda,
Göýä, haşym* gonagy Mekge iline
baranda.

**Bu bölegi göripleri ýazgaryp aýdypdyr.**

Eý pazylat göripleri ne üçin maňa
duşman siz,
Ne üçin meni ýamanlap halk içinde
ryswa siz.

Eger dünýäni adamdan doldursaňyz,
Meniň birje barmagyma degmezler.

**Bu bölegi Balh şäherini öwüp aýdyndyr.**

Balh şäherini bähbitli suwarsyn
her azanda,
Pylan ýerden Balha çenli bereketli

* Pygamberimiziň baş atasy.

bulutlar.

Şeýle ýurt düşse oňa,
azada mert bir sagat,
Ýatan arzuwlary biter, bolmaz bitakat,

Ondan aýra düşdüm, düşdi maňa dert,
Azap bile dert üstüne dert.

Göz ýaşlarym hasrat odun tutaşdyr,
Topragynyň ysyn getirse şemal.

**Bu kytga şeraby ýazgaryp aýdypdyr.**
Şerapdan men boýun burdum, bilemde,
Şerabyň bar tagata apat bolanyny.

Gözüm onda görmedi bir ýagşylyk,
Dostlar bilen üýşüp çaşmakdan başga.

Ýe**ne bir kytgada şeýle diýýär :**
Ne beýle hoş döwürdir geçen günlerimiz,
Siziň saýaňyza hoşluk ýaşaýyş.

Gurap galsyn dünýäniň eli elmydam,
Aýralygy alnymyza ol ýazan.

Ýe**ne bir bölekde**
Nijeme ýagşy guwandylar tagata,
Kyýamat elime tutdy ýakasyn.

Nijeme betkärler ýaman iş edip,
Görersiň sen, Alla ötdi günäsin.

## Ýene bir bölek

Bir sopymyz bar, sopylykda ol sowuk,
Onuň sowuklygy ody söndürýär.

Sanaýar ol ähli hidaýat aýyplaryn,
Ähli aýyplar öz donunda görünýär.

**Şu namalar we kasydalar ýardam beriji ýeketäk Allanyň kömegi bilen ýazyldy.**